# Arwahly guýy / hekaýa

Category: Ertekiler,Hekaýalar,Kitapcy,Sözler,Taryhy ýerler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Arwahly guýy / hekaýa ARWAHLY GUÝY



Howa barha garalyp, ýagşyñ ysy gelýärdi. Dagyñ etegini syryp gidýän gumak ýol bilen eñip barýarys. Ýagşyñ ilkinji owunjak damjalary ýüz-gözümize syçrap ugrady. Motosikletiniñ gazyny barha galdyrýan Merdan maña gygyrýar:
– Berk ýapyş, ýykylaýma. Öñde uly gowak bar. Şoña ýetýänçäk, gaýrat et!
Biz ol gowaga özümizi atýançak, kemsiz ezildik. Içinde bir süri goýny arkaýyn ýerleşdiräýmeli gowagyñ ortasyndaky ojaga meñzeş oý ýerde ot ýakdyk. Gowagyñ içi diýseñ rahatdy. Gara öýe çalymdaşdy. Hatda dik depesinde tüýnük mysaly tüsseçykary hem bardy.
– Aýdyşlaryna görä, şu gowakda birmahallar gadymy adamlar ýaşapdyrlar – diýip, ýoldaşym maña düşündirýärdi. Ünsümi gowagyñ garañkyrap duran törüne çekdi. – Hol ýerde şolaryñ çeken suratlaram barmyşyn.
– Ony görüp bolmazmyka?
– Görüp bolman näme, ýör.
Merdan gol ýaly taýagyñ başyna esgi orady. Esgini motosikletiñ benzininden birneme ölläp otlady. Gowagyñ içi öñküsinden ýagtylandy. Ýoldaşym yzym bilen ýöre diýen yşaraty edip, özi öñe düşdi. Onuñ bir elinde otly kesindi, beýlekisinde hem ýogynlygy bilek ýaly bir gez taýak bardy.

– Bi nämä gerek? – diýip, taýagy görkezdim.
– Kim bilýär, pelek işini. Käwagt bu gowaga ýyrtyjylaryňam giräýmesi bolýar.
Onuň häzirki bolup barşy, nämüçindir, ilkidurmuş adamlaryny göz öňüme getirdi. Müňlerçe ýyl mundan ozal ýaşap geçen şol adamlar, has dogrusy, adama çalymdaş mahluklar daşdyr taýak bilen ýaraglanyp, aw awlapdyrlar. Ot bilen duşmanlardan-wagşy haýwanlardan goranypdyrlar. Şol wagt olar güýçlerini birleşdirip, deň zähmet çekipdirler. Awlan awlaryny hem ortalyk edip, deň paýlaşyp iýipdirler. Birek-biregi aldamagyň, kezzaplygyň nämediginem bilmändirler.
Merdan elindäki otly kesindini ýylçyr diwara has golaý tutýar. Ana, onuň diýýän suratlary. Bir äpet eýmenç haýwan bir süri suguny kowalap barýar. Ilkinji adamyň şekili bolsa, tazygyp barýan sugunlary awlamaga däl-de, olary şol ýyrtyjydan halas etmäge ymtylýar. Ol elindäki ýönekeý ýaragy bilen özünden rüstem duşmany ýeňermi ýa-da janyny gurban edermi – belli däl. Onuň aýdyň maksady bar: Sugunlary halas etmeli.
Belki, bu görnüşi şol wagtyň suratkeşi durmuşdan alyp, öz döwrüniň hakykatyny beýan edendir. Belki-de, sanlary barha azalyp barýan gözellikleri goramagy geljekki nesle şeýdip wesýet edip gidendir.
– Şu jelegaýlarda şunuň ýalt sugunlar hakykatdanam boldumyka? – diýip, ýaş ýigit çyny bilen soraýar.
– Bolandyr. Bolmadyk bolsa, beýle şekili diwara çekmezdiler.
– Goja awçylar-a şu ýerde öňler dere sygyrlaryny görendiklerinem aýdýarlar. Indi-hä olaryň adam ýok.
Oduň başyna täzeden çökdük. Ýoldaşym ýene bir täsinlik barasynda söhbet açdy:
– Şu deräni sypdyrman gidiberseň, ol barha daralýar. Soňam birden giňelip, ýer hopan ýaly tegelnip duran oýa eltýär. Oýuň ortasynda bir guýy bar. Adyna «Arwahly guýy» diýýärler. Şo taýda şu gowagyň ýaşaýjylarynyň etmişli kowumdaşlaryny jezalandyrýan ýeri bolmaly.
Onuň agzyndan çykýan sözleriň birinem sypdyrmajak bolup, gulaga öwrüldim. Gürrüňiniň arasyny bölmän, soňuna çenli sabyrsyzlyk bilen diňledim. Men geň-taň wakalaryb bolup geçen taryhy ýerleriniň golaýjygynda otyryn. Ahmal, ol ýerler heniz alymlara mälimem däldir. Alymlar ony bilenlerinde eýýäm uly ile äşgär ederdiler. Merdanyň gürrüň berýän guýusy hakynda okan zadym ýadyma düşenok. Ylmy açyşlar şunuň ýaly zatlardan

başlanmaýarmy eýsem?
– Maňa şo ýeri görkezjekmi?
– Bu gün ýetişmesek gerek. O taýa diňe pyýadalap gitmeli. Ýedi-sekiz kilometr dagy bardyr, ýadamazmyň?
– Alyp gitseň bolýar, günuzyn ýöremeli bolsa-da, men taýýar.
Ol ylalaşdy.
Gowakdan çykanymyzda, ýagyş diňipdir. Asmanyň ýüzi çüýşe ýaly arassady. Çabga ot-çöpleri, dag gerişlerini ýuwansoň, olara nur çaýylana dönüpdi. Meýmirediji çoguny bolluk bilen eçilýän ýagty Gün ýalbyraýardy. Däri-derman otlaryň bark urýan ysyny öýkeniňe sordugyňça, ýene sorasyň gelýärdi. Bu gözellige ýürekleri bilen joşa gelýän sona käkilikleri sesleriniň ýetdiginden käkeleşýärdiler. Olaryň gulaga ýakymly hoş owazy gaýadan-gaýa düşüp, uzaklara ýaň salýardy.
– Biziň ötenlerimiziň hat-sowady bolmasa-da, gözelligiň, ýaşaýşyň gadyryny-ha bilýän eken. Gör, olar özlerine nähili ajaýyp ýeri mesgen edinipdirler! – diýip, Merdanyň taryna kakdym.
– Özleren uzak ýaşandyrlar. Ers-mers, atan-satan, döwe meňzeş gaýratly bolandyrlar. Häli görseň, dümewdir sowuklamanyň nämediginem bilen däldirler. Guragyry dagy olara ýatdyr.
– Näbilýäň?
– Bilýän-dä. Olar yssa, sowuga bişişip, rysgallaryny möjek ýaly kowalap alandyrlar. Demligini mydama arassa howadan püre-pürländirler.
– Adamlar hatdat, okumyş boldugyça, kesel köpelýär – diýip, ol bir pikiri orta atdy.
– Oňa köpbilmişleriň özleri günäkär.
◆ ◆ ◆

Biz «Arwahly guýa» gelenimizde, gün gyzar ikindindi. Arwahly diýseň arwahly, atgaýtarym ýerde gögerip oturan ýeke çöp görjek gümanyň ýok. Ýaşyp barýan Günüň çoglary gündogar gapdaldaky ýylçyr gaýanyň depesine öz reňkini çaýypdyr. Dumly-duşuň ertekilerdäki ýaly aýylganç haýwanlaryň şekili ýaly, üstüňe abanyp duran ýalaňaç gaýalar.
Guýy meýdançanyň ortarasynda, iň oý ýerde ýerleşýär. Agyl şekilli çöwrülip duran daşky erňeginiň bir gapdalyny ullakan inedördül gara daş ýassanyp ýatyr. Üstünde on-on iki adam aýbogdaşyny gurup, arkaýyn oturybermeli. Ol mähnet daşyň

depesi ýörite ýonulyp, ýylmanana meñzeýär. Özi-de ahmal, başga ýerden gara güýjüñ, zoruna süýşürilip getirilendir. Sebäbi golaý-goltumda oña kybapdaş daş görnenok. Guýynyñ beýleki tarapynda adamyñ biliniñ ýogynlygyndaky daş sütün sömelip dur. Ýürek gysdyryjy tukatlyk. Şemalam öwsenok. Dymyşlygy Merdan bozdy:

– Ýeriñ teýinde süñklerine deñiç çüýräp giden «garyndaşlarymyz» diñe gözelligi söýmegi däl, eýsem erbetligi jan-dilden ýigrenmegem başarandyr görseñ! Gör, olaryñ taýpanyñ adyna ysnat getiren näletkerdeleri jezalandyrmak üçin saýlap alan ýerlerini!

Men makullaýjylyk bilen baş atdym.

Uniwersitetiñ ýuridiki fakultetiniñ birinji kursunda okaýarkam, aksakallar we ýaşulular sudy barasynda ekzamen tabşyrypdym. Ol wagtlar aklawjam, garalawjam bolmandyr. Suduñ çykaran hökümininiñ üstünden başga ýere şikaýat etjek gümanyñ ýok. Taýpanyñ adyl ýaşulularynyñ aýdany-aýdan, diýeni-diýen. Ýowuz kanun şol dem ýerine ýetirilipdir.

Meniñ pikirimçe, ýasy daş ýaşulular sudunyñ höküm çykarýan kürsüsi bolmaly. Düýbi ýere pugta gömlen şol daş sütüni bolsa sud edilýäni dik duran ýerinden oña berk sarap goýmak üçin ulanandyrlar.

Gürrüñçil ýoldaşymyñ şu mahal gepläsi gelenok. Dünýäniñ ähli gaýgy-aladasy bir öz başyna düşen ýaly, haýyr bilen şeriñ şaýatnamalary bolan daşlara nazaryny dikip, pikir derýasynda gulaçlaýar. Men ony gürletmäge çalyşdym:

– «Sañsar daşy» diýip eşidipmidiñ?

Ol bir hoýukdan soñ seslendi:

– Bir zat diýdiñmi?

Soragymy ikinji sapar gaýtalanymda, ol başyny ýaýkady. Öz soragymyñ jogabyny özüm çözläp ugradym:

– «Sañsar daşy» diýilýän zat şeýle. Ýaşulularyñ çykaran kanunyny äsgermezlik edip, ony gödek bozan günäkäriñ el-aýagyny dañyp, bir çetde goýupdyrlar. Taýpadaşlaryñ hersi ýumruk ýaly daş bilen ony urupdyrlar.

– Jezalandyrylýan ýakyn adamyñ bolsa näme? Ony daş bilen urmaga dözüp bolmaz-a.

– Bu hökümi öňi bilen günäkäriň ýakyn garyndaşlary ýerine ýetirmeli bolupdyrlar. Dözmezçilige ýol ýok. Eger ýukaýüreklik edip, daşy sowa zyňsaň, şol daş bilen özüňi urupdyrlar.
– Baý-baý-ow, gaty elhenç kanun.
– Her zamanyň özüne görä kanuny bar. Elhenjem bolsa, onuň terbiýesi örän güýçli. Şol zaman bidüzgünçilik gaty az edilipdir.
– Elbetde, eliň bilen etdiňmi, egniň bilen çekäýmeli. Jezadan sypjak gümanyň ýok.
Ýaşulularyň haýbatly kürsüsiniň – ýasy daşyń üstünde oturyp, guýa nazar aýlaýarys. Gyrasyna baryp, içine syn eder ýaly däl. Birden güwläp gidibermegiň mümkin. Onuň ýylmanak gyralary ullakan syrçaly tabagy ýadyňa salýar. Ol ýapgytlyk bäş-alty metr dowam edensoň, aşakda kert gaýa mysaly uçutlyk bar. Dörtgyraň daşyňam, inçe uzyn daşyňam bitiren hyzmatlary düşnükli. Şu guýynyň agzynyň ýapgyt edilmeginiň bir emmasy bar bolaýmasyn? Henize deňiç munuň ýaly täsin guýa duşmandym. Ýogsam gadymy guýularyň ählisiniňem agzy dar edilip gurulgy bolýardy. Şeýle edilende, aşakdan suw çekip çykarmafa oňaýly bolup, agyr gowa diwarlara degmeýär. Mundan-a suw çeker ýaly däl.
Ýoldaşym meniň içki pikirimi aňan ýaly gürledi:
– Aýdyşlaryna görä, şu guýyny hiç kimem gazmandyr. Öz-özi emele gelen bolmaly. Gyrasynyň tekiz ýylmanmagynda bolsa, adam zähmetiniň yzy bar.
– Müňlerçe ýyl mundan ozalky ussanyň ýönekeýje guraly bilen guýguç mysaly ýapgytlygy ýülmemäge näçe ýyl gerek bolduka?
– Mümkin, ol bu işi bir ýylda, belki, bäş ýylda tamamlandyr. Bu suw almak üçin gazylan guýy däl. Iň ýokary jezanyň amala aşyrylýan serişdesi.
Ol elindäki kiçijik daşy guýa tarap oklady. Şol demde aşakdan suwuň jülpüldisi eşidildi:
– Onda suw bar, ýöne şor. Muny ardýan adamam ýok. Şonda-da, guýa gulluk etmeseň, suwy zaýalanyp, aňkap barýan ysdan ýaňa golaýyna barar ýaly bolmaýar. Birnäçeler muňa gudrat diýip düşünýärler. «Guýy arwah-jynlaryň mesgeni. Şonuň üçin guýy yslanman, bir durkuny saklaýar» diýýänlerem ýok däl.

– Jeza çäresi bilen munuñ näme dahylynyñ bolandygyny aýtsana?
– Aýdaly, sud edilýäniñ eden etmişi has agyr. Onuñ günäsini ýeñilleşdirmäge tutaryk ýok. Şonda ony çuw-ýalañaçlap, guýynyñ kenaryne getiripdirler.
– Soñam içine iteklapdirlermi?
– Ýok, iteklemändirler. Onuñ öñünde şeýle şert goýlupdyr. Ýalañaça adam sürpegi çykan diwardan götinjekläp, aşaklygyna süýşmeli. Aýagyny ýapgydyñ gutarýan ýerine ýetirensoñ, ýene-de yzyna çykmaly.
– Ýokary çykyp bilmese näme?
– Ýagty jahan bilen baky hoşlaşmaly bolar-da.
– Çykaýsa?
– Onda onuñ günäsi geçilipdir.
– Onsoñ muña girip, sag-aman yzyna dolanan adam barada heý eşidipmidiñ?
– On-a eşidemok. Aý, näbileýin, çykaýmasa gerek öz-ä.
Ikimizdenem ses-seda çykanok. Dymyşlygy ýene-de onuñ özi bozdy:
-Guýynyñ suwy ýyl geldigiçe aşaklaýar. Garry awçylar-a biziñ ýetginjek çaglarymyzdan bäri hem onuñ suwy üç gulaja golaý peseldi diýýärler. Peselse-de, tükenmeýär.
Tas ýadymdan çykan eken. Şuñ içinde balygam barmyşyn. Özi-de örän geñ balyk. Köllerdäki ýaly teññeli balyk däl, deñiz bekresine çalymdaş.
– Mümkin däl, heý guýuda-da balyk bolarmy?
– Eger çynym. Biziñ obada muny gözi bilen gören adam bar. Ol abraýly adam. Guýyda balyk görenligini ol janyny ýakyp aýtsa-da, oña hiç kim ynananok. Gaýtam, üstünden gülýärler. Agzyna şeýtan tüýkürenleriñ bir-ä oña: «Guýydaky arwahlar gözüñe balyk bolup görnendir. Hernä, çeýnejek çöpüñ bar eken. Özüñi guýa süsdüräýmändirler. Sag-salamat galanyña sadaka ber» diýýär.
– Sadaka berdimi onsoñ?
– Ýok-la, ol her öñýeteniñ albaýyna aldanjak adam däl. Gaty erjel. Aýdan sözündenem kes-kelläm dänmeýär.
– Garañky düşmänkä ýatar ýaly ýer gözläli.
Merdan bir zatdan howatyr edýän ýaly, ýüzüme çiñerildi. Öz

gulaklaryna ynanmady öýdýän.
– Ýatar ýaly ýer gözläli diýýäňmi? Hyýalyň bu ýerde galmakmy?
– Eýsem gijäň içinde daşdan-daşa süssenekläp, yzyňa gaýtjakmy?
– Gaýtman näme. Bu ýerde ýatmak bolmaýar-a. Setanda-seýranda bolaýmasa, gündizem bärik adam sekmeýär. El-aýagyňy uzadyp, arkaýyn ýataryn öýtmegin.
– «Arwah-jynlar» böwrüňe dürtüp, ýatyrmaga goýmaz diýjek bolýaňmy?
– Men oň ýaly zada ynanýan adam däl-how. Gije ýarymyndan soň şu oýuň içi dürli owazlardan ýaňa güwläp duranmyşyn. Ol sesler doýmaz-dolmaz guýynyň ýuwdan ynsanlarynyň ruhlarynyň ahy-nalasy diýýärler.
– Senem şoňa ynanýaňmy?
– Ynanmaňda näme, şonda-da gije şu taýda galmak birhili öz-ä.
– Gorkýan bolsaň gaýdyber. Men-ä galjak.
Ol oýurganyp durdy. Onuň «Arwahly guýynyň» başynda bir gije öz erkine galasynyň gelmeýändigi düşnükli. Namartlyk edip ýoldaşyny taşlap gaýtmak hem gelşiksiz. Teý ahyr belli bir netijä gelendir-dä, galmaga ylalaşdy. Men oňa maslahat saldym:
– Gijäni geçirmäge haýsy ýeri peýläris?
– Dag gijesi gum ýaly ýyly däldir. Ynha, çigrek düşüp ugrar, şonda ysytma tutýan ýaly, baý, gagşap, dişleriňi şakyrdadarsyň-a.
– Ýyly ýeri nireden agtarjak, bir gije çydajak bolmaly.
– Men bilýän. Ho-ol, garalyp duran deşigi görýäňmi? – Merdan ýylçyr gaýanyň düýbündäki hoňkaryp duran köwegi görkezdi.
– Gaplaňyň sürenine meňzeýär-le oň özi.
– Zähräňi ýaryjy seslere ol-a haýwanmyşyn, men-men diýip, döşüne kakýan goç ýigitleriňem tap gelmeýändigini öňem aýdypdym. Şondan bolsa gerek, şu oýda janly-jandara gözüň düşmez. Gargyş siňen öli meýdan.
Ýoldaşymyň bu ýerlere bäş barmagy ýaly beletligine içimden begenýärdim. Ol meni yzyna tirkäp, köwege eltdi. Otluçöp bilen aýagymyzy basjak ýerimizi ýagtyltdy. Oňaýlyrak ýer tapyp gyşardyk.
Merdanyň keýpi gaçanlygyndan bolsa gerek, gepläsi gelenokdy. Bilesigelijilikden ýaňa meniň içimi it ýyrtýardy:

– Üşesek, gije ot ýaksak bolmazmy köwegiň içinde?
– Bu köwek däl, kiçeňkägede gowak. Agzy daram bolsa, düýbi giňdir. Ot ýaksaň, içinde oturyp bolmaz, edil tilkiň hinine tüsse berene döner. Agzyndan başga tüssr çykary ýok. Bu saňa motosikletimizi goýup gaýdan depesi deşik gowagymyz däl.
Soňra hijimizden ses çykmady. Şunça uklajak bolsamam bolanok. Ukym tutmaýar. Beýnimde garasar sürüsi ýaly güsürdeşýän pikirler gözlerimi çirim etmäge goýmaýar.
Öňräk çarwalaryň mekanynyň birinde şeýle waka bolupdy. Guýa eşek gaçyp ölüpdir. Maslyk porsap, suwy zaýalanypdyr. Bir ýyla ýakyn golaýyna barylmadyk guýyny arassalamak üçin bir daýaw jahyl oňa ýüp bilen sallanypdyr. Birdenem demi tutulyp, şalkyldap gaýdypdyr. Ýoldaşy ony halas etjek bolup, özüni guýa oklaýar. Olam özünden gidip, arkan agýar. Garry çopanyň biri: «Haý tiz boluň! Gök esgini tüsseledip, guýa taşlaweriň!» diýýär. Çopanyň aýdan sözi şol bada ýerine ýetirilýär. Şondan soň guýa giren üçünji adama zat bolmandyr. Beýlekileri hem ýüp bilen çekip çykaryp, zordan ajalyň elinden alyp galypdyrlar.
Şol wagtlar nämäniň-nämeligine oňly düşünmesemem, muňa soň göz ýetirdim. Suwy porsan guýularda emele gelýän zyýanly gazlar arassa howany kowup çykarýar. Guýynyň düýbüne taşlanan köne esginiň ajy tüssesi şol gazlary özi bilen asmana alyp gidýär.
«Arwahly guýuda» ys-kokam ýok. Ýogsam onuň düýbüne ençeme adamyň meýidi gidipdir. Guýynyň içinde balyk bolup bilermi? Onda-da giň deňziň gujagynda azatlykda ýaýnamaga endik eden gyzyl balyk. Bu gürrüň ertekä meňzeýär. Süýji suwly guýularda pyşdyl, gurbaga, ýylan ýaşaýar, oňa söz ýok. Olar ýerde-suwda ýaşaýan jandarlar bolansoň, guýa özleri baryp girýärler. Bekre şu guýa ýörite goýberilipdir diýeliň. Ol guýy suwuna uýgunlaşmaz. Ony kim höreklesin, näme iýip oňsun? Derýa suwy bilen doldurylan howuzlarda teňňeli balyklary köpeltse bolar. Emma bekräni eldekileşdirmek akyl sygjak zat däl. Guýuda bekre balygyny ekdileşdirmek adamzat taryhynda heniz görlüp-eşidilmändir.
Kem-kemden uka gitdim. Näçe ýatanymy bilemok. Düýşürgäpdirin. Biziň samolýotymyz bir alsa uçmaga häzirlenýär. Ene zeminden aýagyny üzmezden öňinçä bat alyp-bat alyp, motorlara agram

salýar. Gulaklaryňy kamata getiriji güwwüldi barha güýçlenip, ses-üýn alyşdyranok.
Tisginip oýansam, gowakda ýatyryn. Emma endamyňy düýrükdiriji ses, hakykatdanam, eşidilýär. Gap-garaňky. Bir näbelli mahlugyň buz ýaly penjesi ýüzümden ýöredi. Tas zähräm ýarylypdy. Dilim tutuldy. Şübela urunsamam, jübimdäki çakgyma elim ýetenok. Ol mahluk bolsa labyryny üstüme atyp, gaty daşyň ýüzüne ýelmeşdirip barýar. Bu nä gudrat?
Birdenem onuň özi seslenäýdi:
– Oýanaweri!
Meň bilen ýakalaşyp ýören «näbelli mahluk» öz ýoldaşym bolsa nätjek? Onuň ýagdaýyna şol bada düşündim. Şonuň üçinem ondan hiç zady gaty görmedim. Ol neresse hem gorkunç sese oýanyp, soňam meni turuzmak üçin garaňkyda sermenip ugrapdyr. Merdanyň seso misli başgaw bir adamyňky ýaly sandyrap çykýar:
– Indi näme etmeli?
Az wagtlyk oýlandym. Dogrudanam, indi näme etmeli? Şol aralykda özümi birneme rastladym. Züwwetdinlik etmeli däl.
– Ýör, daş çykaly.
– Nämüçin?
– Sesi anyklamaga.
Merdan dymýar. Men oňa:
– Ber eliňi! – diýýärin. Ol elini göwünsiz uzatdy. Onuň galpyldap duran goşaryndan berk gysyp, çykalga ýöneldim.
Bize nämeleriň garaşýandygy heniz belli däldi. Ahmal, biz öz aýagymyz bilen ajalyň agzyna barýandyrys. Kim bilýär? Garabasmak bilen urşan ýaly, gara der bolup daş çykdyk. Aý aýdyň. Öňki-öňkülik. Ýasy daşam, uzyn daşam ýerli-ýerinde. Del zada gözümiz düşmedi. Merdanyň ýüzüne seretsem, ol gözlerini daş ýaly ýumupdyr. Açmaga milt hem edenok. Men ony kör iden ýaly idip barýaryn. Göwnüme bolmasa, düşnüksiz güwwüldi indi ýeňsäme aýlanan ýaly boldy. Diňşirgenýärin. Hawa, ses ýeňseden eşidilýär. Ýoldaşymy hürsekledim:
– Gulak goý, ses nireden gelýär?
Ol gözlerini ýalpa açdy. Diň saldy. Elini yza salgady.
– Hol, ýerden.
Dogry, ses yzdan – ýaňyja çykyp gaýdan gowagymyzdan gelýär.

Yzymyza dolanyp, gowaga girdik. Indi ses daşardan eşidildi. Men şadyýan seslendim:
– Bary düşnükli. Sesi gowak döredýär.
– Nädip?
– Içine ýel düşýär. Biziñ bi ýere gelen wagtymyz ýel ýokdy gerek? – Yzly-yzyna otluçöp ýakyp oturan ýoldaşym baş atýar – Häzir ýel barmy?
– Bar.
– Bolany şol.
Merdan hiç zada düşünmedi öýdýän. Ol eginlerini ýygyrýar. Men oña düşündirmäge synanyşdym.
– Limonaddan boşan çüýşäni ýeliñ ugrunda dikliginde goýsañ, oñ içine ýel düşüp, ses emele gelermi?
– Hawa!
– Biýem şol mysaly-da.
Biz gowagyñ agzynda oturyp, ýeliñ döredýän mukamlaryny täzeden ine-gana diñledik. Indi ol öñküsi ýaly gorkunç däldi, mylaýymdy. Hoş owazlar gaýadan-gaýa düşüp, barha ýañlanýardy. Dag şemaly hem ol mukamlary uzaklardan-uzaklara alyp gidýärdi.
Biz soñra ýatjagam bolmadyk. Dañ ýalañaç daglaryñ başyna gyrmyzy şöhle çaýdy. Jahan kem-kemden ýagtylyp, ýol-yz saýgardyp ugrady. Biz ýola düşdük. Jeza meýdançasyndan näçe daşlaşsagam, Arwahly guýy barasyndaly pikirler meni öz girdabyna dartýardy.
Deñiz suwy Garabogaz aýlagyna towlanyp-towlanyp şol akyp ýatsa-da, aýlag hiç haçan dolmandy. Alymlar-a aýlag ol bol suwy gaýnap duran gazan mysaly bugardyp ýok edýär diýýärler. Ýaşulular bolsa ony başgaçarak düşündirýärler. Suw aýlagyñ düýbündäki başga bir dünýä gidýärmişin. Dogrudanam, Amyderýanyñ gije-gündiz dolup-daşýan ägirt suwuny aýlag şol bada bugardyp ýetişermikä? Türkmen deñzini halas edýäris diýip, Amyderýany petikläp gördüler. Ana, bar bela hem şondan soñ döredi. Aýlag gurap, düýbündäki duzlar tüweleýler bilen asmana göterildi. Garagumuñ ot-çöpleriniñ üstüne ýagyp, süllertdi. Erbet gurakçylyklar döretdi. Şondan soñ Aral deñzi hem jan damary gyrlan nähoş mysaly gurap ugrady. Hazar bilen Aralyñ arasynda bir gizlin gatnaşyk bar bolaýmasyn?! Belki, şo

ýerasty akym Arwahly guýynyň astyndan geçýändir. Asyryň başyndan bäri şol guýynyň suwy Hazaryňky bilen deň derejede çekilipdir. Bu hem tötänlikmikä? Adamzat nesliniň gadym zamanlaryndaly eždatlary öz akylynyň ýetmeýän zatlaryna, Günüň dogşuna, gijäniň düşüşine, daňyň atyşyna, ýyldyrymyň çakyşyna, oduň ýanyşyna… gudrat diýip düşünipdirler. Olardan öler ýaly gorkupdyrlar. Öwrenişilensoň, ol «gudratlar» täsirini gaçyrýar. Häzirlikçe çözmesi kyn matala öwrülen Arwahly guýy bilen baglanyşykly «gudratlaram» wagty gelende, belki, adaty tebigat täsinligine öwrüler.

Oraz GUWANJALYÝEW. Hekaýalar